# Awazam guwanjym, Watan – baş täjim / publisistik poema

Category: Kitapcy,Poemalar
написано kitapcy | 26 января, 2025
Awazam guwanjym, Watan – baş täjim / publisistik poema AWAZAM GUWANJYM, WATAN – BAŞ TÄJIM



l.
Döräp barýar binalaryň kerweni,
Kenaryň boýunda hatar gurapdyr.
Ýada salýar ajap gülli çemeni,
Awazam boýnuňda jennet döräpdir.

Yhlas siňdiripdir Arkadag oňa,
Nesillere, Asyrlara nusgalyk.
Diýarym Sahabat nurun eçilýär,
Toýhana öwürýär kenarda balyk.

Gojaman kenaryň syry üýtgeşik,
Çagyryp dur adamlary goýnuna.
Tolkunlar kenara tarap urunýar,
Düşünip bolanok deňziň oýnuna.

Sorýar jana melhem derman ýoduňy,
Uzaklardan şypa gözläp gelenler.
Uzak ýaş dileýär Arkadagyna,
Bu gudraty döredýäni bilenler.

Göge ýeter başyň, seriň durlanyp,
Şanyna müň dessan ýazasyň gelýär.

Gijeleri gündiz deýin ýagtylyk,
Kenarynda messan gezesiň gelýär.

II.

Tylla ýüzügimiň göwherden gaşy,
Awazam guwanjym, Watan-baş täjim.
Uzak bolsun milli Lideriň ýaşy.
Awazam guwanjym, Watan- baş täjim.

Ak çarlaklar deňze kepillik isläp,
Depesinde parlap aýlanýar gürläp,
Guwanýan görküne, guwanýan geňläpm
Awazam guwanjym, Watan-baş täjim.

Kenaryňda müňläp ynsan ýerleşer,
Durli halklar dostlaşarlar, birleşer.
Dörär poemalar, dörär köp eser,
Awazam guwanjym, Watan- baş täjim.

Göwher täji bolduň bütin dünýäniň,
Arkadag gurdyran, Hazarym meniň,
Tutulýar deňizden baýlygyň, käniň,
Awazam guwanjym, Watan-baş täjim.

Kenaryň uçmaha öwrülip barýar,
Tükmenim guwanýar, bagtyny görýär,
Maksat tutan maksadyna gowuşýar,
Awazam guwanjym, Watan- baş täjim.

III.

Arkadag iline eşret paýlaýar,
Jahana ýaň saldy baýlygyň, Watan!
Näçe söýseň ýene söýesiň gelýär,
Jahana ýaň saldy şöhratyň, Watan!

Eşretler mekany gül Diýaryma,
Ýaspyň sygmaz şygyryma-aýdyma,
Jennetdir seretseň boş ýatan guma,

Jahana ýaň saldy Zeminiň, Watan!

Öňe barýas bu gün şa ýoluň bilen,
Arkadagyň pikir – yhlasy bilen,
Söýgim gaýdýar ýüregimiň töründen,
Jahana ýaň saldy bagtyýar, Watan!

Aziýaň merjeni, göwher-gaşy sen,
Jennetdir mekanym, ýurtlaň başy sen,
Dünýä ýüzük bolsa göwher gaşy sen,
Jahana ýaň saldy şöhratyň, Watan!

Ýaşap ýörüs gujagynda ösüşleň,
Haýsysyn sanajak bu özgerişleň,
Diýarda milletler bir jan hem bir ten,
Jahana ýaň saldy dostlugyň, Watan!

Asyra barabar işler edildi,
Ýeňşe, öňe tarap ädim ädildi.
Görmedigin gördi, türkmen beýgeldi,
Jahana ýaň saldy Garaşsyz, Watan!

Wysala ýetirýär maksat tutany,
Pisleýär Diýarda bikär ýatany,
Ömrüň manysydyr Watan ykbaly,
Jahana ýaň saldy Bitarap, Watan!

Geçirsemde ömrüň ençe pursatyn,
Ýaşap ýörün döwri saýýaryn altyn.
Ulus-ilim buýsan,hem ýene galkyn,
Jahana ýaň saldy Berkarar, Watan!

IV.

Türkmen bu gün ýaşyl Tugun parladyp,
Seniň bilen bile örýär, Arkadag!
Awazany guran paýhasa tagzym,
Äleme barabar işiň, Arkadag!

Owal ahyr yhlas siňen topraga,

Derin çaldy daýhan keýpi boldy çag.
Müňläp tonna ak altyny öndürýär,
Yhlasyňdan Siziň bilen, Arkadag!

Nesil dowamydyr ak atyň,malyň,
Depäňize gondy döwlet guşy-dag.
Toý baýrama besläp her güni, aýy,
Türkmeniň bagtyna dörän, Arkadag!

Öňe barýas seniň şa ýoluň bilen,
Asly asylzada Beýik Arkadag!
Ömrüň manysyna düşündik doly,
Senin bilen bir maksatda, Arkadag

V.

Gahryman Arkadag,
Arkamda dag bar.
Bagt guşy uçýar, asmana sary,
Bagtyýardyr uly-kiçi, balalar,
Gülletdiňiz bu gadymy Diýary.
Alkyş Size, şöhrat Size, Arkadag!

Barlygyňda başym göge ýetip dur.
Ylham joşýar, bu görnüşe, işlere,
Diýseň iňňän gözel Bahry-Hazarym,
Golum ýetýär alyslara, her ýere.
Alkyş Size, şöhrat Size, Arkadag!

Munda bar zat diňe adam üçindir,
Beýik işler ganatdyr göwünlere.
Eziz Diýaryma çykdym men seýle,
Söz tapamok,bu görnüşe- diýere.
Alkyş Size, şöhrat Size, Arkadag!

Topragymda sowulmaz ýaz-bahar bar,
Yranmajak döwletim bar enşalla.
Milli Ldermize özüň gaýrat ber,
Dünýäni ýaradan, Kadyr eý Alla.

Alkyş Size, şöhrat Size, Arkadag!

Nesip etsin halka şat ömür sürmek
Berkarar döwletiň bagtyýar döwri,
Bu toprakda jennet döredýän halkyň
Dowamaty dowam, Uzakdyr ömri.
Alkyş Size, şöhrat Size, Arkadag! Poemalar